# 2024, uruşlar we halklar

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
2024, uruşlar we halklar 2024, URUŞLAR we HALKLAR



ABŞ-nyñ 31-nji prezidenti Gerbert Guwer «Uruşy garrylar-a turuzýar, ýaşlaram ölýär» diýipdir. 2024-nji ýylyñ ikinji gününden ýer ýüzüne we dowam edip duran uruşlara göz aýlap, şeýle diýsegem bolar: «Uruşy kompaniýalar-a turuzýar, halklaram ölýär».
Kompaniýalar uruş turuzýar, çünki ABŞ başlyklaýyn birnäçe «demokratik» ýurtlarda häkimiýet başyna gelýänleri raýatlaryñ saýlawlardaky sesleri däl-de, kompaniýalaryñ seçýän dollarlary kesgitleýär!
«Lockheed», «General Dynamics», «RTX» ýaly ýarag öndürýän amerikan kompaniýalary Ukraina we Gazä işdämenlik bilen seredýärler. «General Dynamics»-iñ maliýe işleri boýunça müdiri Jeýson Aýkeniñ 2023-nji ýylyñ ahyrynda «Aýda öndürilýän 14 müñ top okuny 20 müñe çykardyk. Munuñ möçberini 85 müñe, hatda aýda 100 müñe ýetirmek üçin işleýäris. Meniñ pikirimçe Ysraýylyñ ýagdaýy bu islegiñ üstünde diñe ýokary ugurly basyş döreder» diýmegine başga nähili düşünmeli?
«General Dynamics»-iñ bronly awtoulaglary, tanklary we Ukrainanyñ ulanýan toplaryny ulanýan «Söweşjeñ sistemalary» bölüminiñ girdejisi 2023-nji ýylda ondan öñki ýyla garanda 25% artdy. Ukrainada ulanylýan «AMRAAM» raketalaryny öndürýän «RTX» kompaniýasy-da Putiniñ 2023-nji ýylyñ 24-nji fewralynda başlan «ýörite harby operasiýasyndan» bäri üç milliard dollarlyk zakaz aldy.
Olar kiselerini galñadyp ýörşüne üçünji ýylyna gadam basan

Ukrainadaky uruş eýýäm gyzygyny gaçyrdy. Ýogsam bolmasa, ol ýerde diňe iki ýurduň goşunyndan biriniň ýeňşi bilen tamamlanman, belki-de, bütin dünýäniň akymyny düýbünden üýtgedip taşlajak çaknyşyk birinji başlan günündäkisi ýaly gyzgalaňly dowam edýär.
Staliniň aýdandygy aýdylýan «Bir ölüm tragediýa, müň ölüm bolsa – statistika» sözi Gazada tassygyny tapýar. Biz eýýäm palestinaly ölüleriň on müňler bilen berilmegine mazaly öwrenişdik.
Netanýahu «Uruş ýene birnäçe aýa çeker» diýdi, eýsem Ukrainada näçe wagta çekerkä? NATO-nyň we Russiýanyň ýüz müňlerçe adamyň şirin janyny bir übtük tüssä öwrüp bilýän ýarag sistemalary biri-biri bilen ýaryşýan mahaly kim üstün çykarka?
Käbir günbatarly analitikleriň pikiriçe «Russiýanyň we NATO bileleşiginiň iň gowy ýaraglarydyr harby taktikalarynyň arasynda bolup geçen garpyşykda» kimiň üstün çykjakdygy belli däl, belki-de hiç haçanam belli bolman galar. NATO-nyň kämil ýarag sistemalaryna garşy Russiýa Ukrainantň garşylyklaýyn hüjümini ýeke garyş ýer gidermezden yzyna serpikdirmek bilen çäklenmedi, şol bir wagtyň özünde öz garşylyklaýyn hüjümini başlar ýaly taýýar ýagdaýa geldi.




Halkara Ýakyn Gündogar we Balkan ýurtlary boýunça ylmy-barlaglar institutynyň (IFIMES) 2023-nji ýylyň ahyrynda çap edilen giňişleýin analizi täsin ýagdaýda üç tarapyň üstýn çykandygyny aýdýar:

1. Ýerini giderenem bolsa, ýurt gurma ukybynyň bardygyny subut edip bilen Ukraina;

2. Ýer ýüzüniň ep-esli bölegine we NATO bileleşigine garşy alyp baran uruşynda ýeňilmän, gaýtam tersine, sowet döwründäki at-owazasyny dikelden Russiýa;

3. Dünýäniň iň uly iki slawýan we prawoslaw ýurduny gyrlyşdyryp, bir okda iki towşan uran we bu gyrlyşykdan uly

ykdysady, syýasy, harby üstünlikleri gazanan ABŞ.
Bärde diñe wepat bolanlary we öñlerine goýulan garañky ertirleri bilen halklar ýeñildi!
IFIMES Dejan Azeskiniñ ýazan “Ukraina 2023: Çaknyşykda kim ýeñildi, uly uruşda kim üstün çykarka?» atly analiziniñ soñky jümleleri üstün çykanlardan biri saýylýan ABŞ üçin bolup biläýjek üýtgeşmelere yşarat etmek bilen bir hatarda, Ysraýylyñ harby doktrinasynyñ Gazada çagşandygyny we munuñ ABŞ üçinem şeýle bolup biljekdigini aýdýar.
Hem hasam gyzyklandyryp, sözüni şeýle tamamlaýar: «Eger Russiýa şumatky depginini gowşatman gitse, munuñ özi ABŞ üçin gönüden-göni ýeñliş bolar. ABŞ ýyllar boýy dünýäni köplenç gorky we ýeñilmezeklik mifi bilen dolandyrd. Bu agalyk sürüji rowaýat se gorky sumat bolsa, Waşington Rimiñ wizigotlaryñ eline düşüşinden has tiz ýagdaýda warwarlaryñ eline düşüp biler».
Mundan soñ kimi warwar hasaplaýan bolsañyz!
L. Dogan TYLYÇ.

«BirGün» gazeti, 02.01.2024 ý. Publisistika